# Şol buty aýýaradan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şol buty aýýaradan ŞOL BUTY AÝÝARADAN

Kyblaýy iman görüner şol buty aýýaradan,
Aferin olmuş aña ne hoş ýaratmyş Ýaradan.

Başyma çykdy humary läýezaly hamryñ uş,
Wähdetiñ peýmanasyn içmişem hammaradan.

Çarh kaçan çarh çaldy, men aña çarh olmadym,
Ölüme çarpar aldym, dönmenem çarparadan.

Hansy burjuñ ýyldyzy sen, eý, melek, bilem seni,
Menziliñ refyg oldy, ýüz-müñ köwkebi seýýaradan.

Ýusufy ýandyrdy husnuñ şemgyna perwana men,
Çoh köñüller ýagmalandy ýüzi meh paradan.

Işwesinden fitneler kim oldy nerges aýnda,
Läşerik olmak dilär sen, geç bu agu garadan.

Çün beýaz ile sewadyñ wahyd oldy illeti,
Kimsene harfyn okymaz aýryg ol mekareden.

Sufyýy peşmine puşuñ batyny safy degil,
Ol kaçan gurtara bilsin, nefsini emmaradan.

Şemgyña perwana dek çün ýanmady zahyd seniñ,
Goý, anyñ bagry gatydyr şeýle sengi haradan.

Eý, senem, gamzañ okun müñ ýerde urduñ janyma,
Aşyr oldur kim gaýgurmaýa iýdigi ýaradan.

Wakt ile bar wagyza goýgul meni öz halyma,
Çäräni özüñe et, geç çäresiz biçäreden.

Ruwhy kudsydyr kim Nesiminiñ hakykat sözleri,

Barlagyn ortaýa goýdy, çykdu keýdu aradan. Goşgular